

unicef

her bir çaga üçin

Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar Gaznasy we

Türkmenistanyň Hökümeti

# HYZMATDAŞLYK BOÝUNÇA ÝURT MAKSATNAMASY

2021-2025

Geljek bäş ýylyň dowamynda ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekilhanasy **Çagalaryň hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça işleriň milli meýilnamasynda** bellenilen Türkmenistanyň Hökümetiniň **Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýadan (ÇHK)** gelip çykýan borçnamasyny ýerine ýetirmekde goldaw berer. 2021-2025-nji ýyllar üçin ÝUNISEF-iň Ýurt boýunça Maksatnamasy BMG-niň **Durnukly ösüş ugrunda hyzmatdaşlygyň çarçuwaly Maksatnamasynyň** üç sany ileri tutýan ugurlarynyň ähli boýunça degişli işleri durmuşa geçirmegi göz öňünde tutar.

Ýurduň öňki maksatnamalarynyň netijelerine esaslanmak bilen, ÝUNISEF-iň işi geljekde Türkmenistanyň Hökümeti bilen hyzmatdaşlygyň giň gerimini öz içine alar. Durnukly we ýokary hilli lukmançylyk, sagdyn iýmitlenme we irki çaga ösüşi boýunça hyzmatlaryň deň derejede elýeterligini üpjün etmek; çagalary zorlugyň ähli görnüşlerinden, ýaramaz daraşmalardan, durmuş-ykdysady kynçylyklardan goramak; şeýle-de Türkmenistandaky çagalara we ýaşlara ýokary hilli inklýuziw bilim we okuw mümkinçilikleriniň elýeterliligini ýokarlandyrmak üçin ÝUNISEF öňküsinden hem köp edaralar bilen hyzmatdaşlyk eder.

**ÝUNISEF özüniň işini aşakdaky düzüm böleklere gönükdirer:**

**Çagalar üçin dolandyryş**
Bar bolan serişdeleriň has netijeli we ýerlikli ulanylmagyny üpjün etmek arkaly çagalar üçin borçnamalary durmuşa geçirmek

**Durmuş we çaga goragy**
Çagalary zorlugyň ähli görnüşlerinden, ýaramaz daraşmalardan we durmuş-ykdysady kynçylyklardan goramak

**COVID -19 öňüni alyş we dessin çäreleri görmek,** ýurtda ýokanjyň ýaýramagyndan maşgalalary we çagalary goramak

**Çaganyň saglygy, sagdyn iýmitlenmegi we irki çaga ösüşi**
Ilkinji günlerden başlap durnukly we ýokary hilli lukmançylyk we sagdyn iýmitlenme hyzmatlarynyň deň derejede elýeterliligini gazanmak we çaganyň ösüşini goldamak

**Ýokary hilli we inklýuziw bilim**
ähli çagalar üçin ýokary hilli inklýuziw bilim we okuw mümkinçilikleriniň elýeterliligini ýokarlandyrmak

Şeýle hem ÝUNISEF, milli immunizasiýany we uny baýlaşdyrma maksatnamalaryny goldamak üçin üpjünçilik hyzmatlaryny amala aşyrmagy dowam eder we olary ýurduň zerurlyklaryna laýyklykda, şol sanda, adatdan daşary ýagdaýlara görä, yzygiderli uýgunlaşdyrar.

ÝUNISEF işiniň dowamynda esasy ünsüni aşakdakylara gönükdirer




Biziň işimizi goldamak we köpugurly hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek, şol sanda, raýat jemgyýeti we hususy pudak bilen gatnaşyklary ösdürmek üçin ÝUNISEF özüniň wagyz we hyzmatdaşlyk strategiýalaryny yzygiderli sazlap durýar.



# ÝOKARY HILLI INKLÝUZIW BILIM

**MAGLUMATLAR:**

12-ýyllyk hökmany orta bilime geçmeklik Türkmenistana okatmagyň we bilim almagyň hilini gowulandyrmakda aýgytly ädimleri ätmage mümkinçilik berdi. Mugallymlara ähli gyzlaryň we oglanlaryň, şol sanda maýyplygy bolan çagalaryň zerurlyklaryny göz öňünde tutýan çagalaryň we ýetginjekleriň ösüşi hakynda goşmaça tejribe, bilim we interaktiw usulyýetler döwrüň talaby bolup durýar. Häzirki zaman jemgyýetiň we ykdysadyýetiň bildirýän talaplaryna laýyklykda, çagalary ösdürip ýetişdirmek üçin zerur başarnyklary kämilleşdirmegi goldamak boýunça okuw maksatnamasyny we okatmagyň usullaryny, şol sanda, kämil sanly bilim mümkinçiliklerini mundan beýläk hem ösdürmek zerurdyr. Howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak we betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmak ýaly mowzuklar kem-kemden mekdep okuw maksatnamasyna girizilýär. Ýaş zenanlaryň 99.6 göterimi sowatly bolsa-da, oglanlara garanda, az sanly gyzlar öz bilimlerini ýokary okuw jaýlarynda dowam etdirýärler.

Mekdebe çenli ýaşdaky çagalaryň ýarysy guramaçylykly bilim almaga gatnaşýarlar. Mundan başga-da, şeýle bilim edaralaryna gatnamaýan çagalar üçin şenbe güni hereket edýän mekdepler hem bar. Okatmagyň usullaryny mundan beýläk hem ösdürmek, goşmaça işgär we maliýe serişdelerini talap edilýär. Onda ileri tutulýan zat, häzirki wagtda 3-4 ýaşlaryndaky çagalaryň arifmetiki hasaplaýyş boýunça pikirleniş mümkinçiligi boýunça Irki çaga ösüş (IÇÖ) görkezijisiniň 20 göterime deň bolan ýagdaýyndan, ony ýurt boýunça beden, ruhy we durmuş ösüşi boýunça 95 göterime golaý derejä ýetirmekdir. 2 ýaşdan 4 ýaşa çenli aralykdaky kiçi ýaşly çagalaryň 90 göterimi üçin uly ýaşlylar irki höweslendirmäni we jogapkärçilikli idegi ösdürmek üçin dört ýa-da ondan köp çärelere gatnaşýar. Kakalaryň ýurt boýunça şeýle çärelere gatnaşygy 13 göterim bolup, üç welaýatda bu görkeziji 5 göterimden hem pesdir.

Ösüşden yza galýan çagalaryň durmuşa goşulyşmasy uly mesele bolmagynda galýar. Maýyplygy bolan 4000 töweregi çagalaryň köpüsine maşgalalary bilen bolmaga we adaty mekdeplere gatnamaga kömek etmäge mümkinçilik bar. Maýyplyk hakyndaky, hususan-da, gyzlar babatda nädogry düşünjäni aradan aýyrmaga we "lukmançylyk" nusgasyny "durmuş" nusgasy bilen çalyşmak zerurlygy ýüze çykýar. 2020-2025-nji ýyllar üçin milli IÇÖ Strategiýasy boýunça irki söhbetdeşlik, beden we zähmet terapiýasy, ruhy we durmuş goldawy, okuw dersleriniň dürli ugurlarynyň arasyndaky hyzmaty ýaly täze sapaklaryň girizilmegi durmuşa goşulyşmaklary üçin maýyplygy bolan çagalara we olaryň maşgalalaryna hemme taraplaýyn hyzmat üpjünçiliginiň kepillendirilmegine gönükdirilendir. DÖM boýunça bilelikdäki maksatnama arkaly işe girizilen Türkmenistanda durmuş işi boýunça hünäriň ösdürilmegi hem maýyplygy bolan çagalaryna ideg etmek üçin maşgalalary goldamaga gönükdirilen jemgyýetçilik esasly durmuş hyzmatlaryny ösdürmek arkaly gözegçilikdäki çagalaryň öýlerine iberilmegini goldar.

***Türkmenistandaky ähli oglanlaryň we gyzlaryň, hususan-da, maýyplygy bolanlaryň mümkinçiliklerini ösdürmek we olaryň hal-ýagdaýlaryny gowulandyrmak üçin deň derejede ýokary hilli inklýuziw bilim we öwrenmek mümkinçiliklerinden peýdalanmaklarynda 2025-nji ýyla çenli doly netije gazanmakda ÝUNISEF Türkmenistanyň Hökümetini goldaw berer.***

**ÝUNISEF-iň hyzmatdaşlary bilen alyp barýan işi bu netijäni gazanmak üçin iki esasy ugur boýunça goşant goşmaga gönükdiriler:**

1

Ýerli maliýeleşdirmäniň hasabyna ÝUNISEF ähliumumy bir ýyllyk mekdebe çenli taýýarlyk maksatnamasyny işe girizmekde Bilim ministrligine syýasy maslahaty we tehniki goldawy bermegi güýçlendirer.

- Çagalara bilim berýän hünärmenleriň deslapky we iş ýerlerinde bilimlerini artdyrmagy güýçlendirmek
- Türkmenistanyň DÖM 4.2 borçnamasyna laýyklykda, 1 ýyllyk ýarym günlük mekdebe çenli başlangyç bilim maksatnamasyny durmuşa geçirmek
- Irki bilim we mekdebe çenli başlangyç bilim hyzmatlarynyň hil gözegçiligini we barlagyny güýçlendirmek
- Ösüşden yza galýan çagalaryň ähliumumy çagalar baglaryna goşulyşmagyny goldamak
- Milli DÖM Strategiýasynyň durmuşa geçirilmegi üçin pudagara we ministrlikleriň arasyndaky hyzmatdaşlygy goldamak

2

Halkara ülňilerine we kadalaryna laýyklykda okuw maksatnamasyny gaýtadan işlemek we üstüni ýetirmek, esasy we geçirip bolýan durmuş başarnyklarynyň we ukyplarynyň ösüşini goldaýan tejribelere laýyklykda has interaktiw, çagalara gönükdirilen okatmagyň usullaryny girizmek bilen, ÝUNISEF başlangyç we orta mekdeplerde bilimiň hiliniň ýokarlanmagyna goldaw berer.

- Ygtybarly bilimi bahalandyryş ulgamlaryny düzmek we ulanmak boýunça mümkinçilikleri artdyrmagy goldamak
- Halkara ülňileriniň we milli ileri tutulýan ugurlaryň esasynda bilimi dolandyryş maglumat ulgamynyň mundan beýläk hem ösmegini goldamak
- Uzak aralykdan we garyşyk bilim platformalaryna goldaw bermek arkaly bilim almagyň mümkinçiliklerini giňeltmek
- Mekdeplerde ukyplaryna görä okatmagyň usullarynyň girizilmegini goldamak
- Inklýuziw bilim we inklýuziw bilim syýasatyny ösdürmek hakyndaky konsepsiýany işläp düzmegi goldamak
- Çagalaryň we jemgyýetçiligiň işjeň gatnaşmagynda, “Ýaşyl mekdep” konsepsiýasynyň nusgasyny döretmek arkaly betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmany we howanyň üýtgemegine uýgunlaşmagy mekdep okuw maksatnamasyna girizmek



# DURMUŞ WE ÇAGA GORAGY

**MAGLUMATLAR:**
Türkmenistanda durmuş goragy ulgamy durmuş taýdan goramak boýunça giňden ýaýbaňlandyrylan birnäçe syýasy çärelerden we maksatnamalaryň (tölegli we tölegsiz) toplumyndan ybarat bolup, ol köp raýatlara elýeterdir. Durmuş goragy meýilnamalaryna ähliumumy çaga doglanda berilýän kömek puly, üç ýaşyna çenli çagalara berilýän ähliumumy kömek puly we ýetim we maýyplygy bolan çagalara berilýän kömek pullary degişlidir. Global pandemiýa we onuň bilen baglanşykly ykdysady kynçylyklar döwründe onuň netijeliligini kepillendirmek üçin durmuş goragy ulgamyny mundan beýläk hem güýçlendirmegiň ýollaryny kesgitlemek zerurdyr. Ondan başga-da, bar bolan nagt pul bilen baglanşykly kömegiň üstüni inklýuziw ýerli öz-özüni dolandyryş bilen baglanşykly durmuş hyzmatlary bilen ýetirmek we ähli pudaklaryň arasynda hyzmatdaşlygy berkitmek wajypdyr. Şonuň üçin, täze hünär hökmünde durmuş işini girizmek we ösdürmek bu geçiş döwrüni durmuşa geçirmegiň açarydyr.

Çagalary goramak we hususan-da, çagalar babatda adalatlylygy üpjün etmek 2021-2025-nji ýyllar üçin ýurt boýunça täze hyzmatdaşlyk maksatnamasynda anyk ileri tutulýan ugur hökmünde görkezildi we şeýlelikde, ol çagalara rehimsiz daraşmagyň, olara garşy kemsitmeleriň we zorluklaryň öňüni almak ýaly netijeli çäreleri ileri tutýan 2018-2022-nji ýyllar üçin çaganyň hukuklary boýunça Işleriň Milli Meýilnamasyny durmuşa geçirilmegini goldaýar. Kanuny bozan çagalar bilen işleşmek boýunça çaganyň hukuklaryna esaslanýan çemeleşmäni işläp düzmek babatda düýpli öňegidişlik gazanyldy we ol 2012-2016-njy ýyllar üçin Ýetginjekleriň adalat ulgamyny ösdürmek boýunça 2018-nji ýylyň bahalandyrmasynda öz beýanyny tapdy. Bu bahalandyrmanyň netijesinde, ejir çeken çagalary we jenaýatçylygyň şaýatlaryny öz içine alýan çagalara hoşniýetli adalat konsepsiýasyny özgertmek, täzeden dikeltmek we işe girizmek we giňeltmek üçin ýerli derejede hyzmatlary mundan beýläk hem ösdürmek maslahat berildi. Çagalaryň goralmagy hakyndaky zerurlyklara has giňişleýin seredilmegi üçin milli we ýerli derejelerde Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri boýunça toparyň, we hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň mümkinçilikleri ýokarlandyrylar we maşgalasyndan jyda düşen çagalar üçin maşgaladan daşary alternatiw idegi ösdürmekde goşmaça hyzmatdaşlar gözlener.

.

***2025-nji ýyla çenli durmuş taýdan gowşak goralýan maşgalalardan bolan we ýatymlaýyn çagalar edaralaryndaky we kanuny bozan Türkmenistandaky çagalaryň, hususan-da, oglanlaryň we gyzlaryň zorlugyň ähli görnüşlerinden, ýaramaz daraşmakdan , durmuş-ykdysady kynçylyklardan goralmagyny has-da ýokarlandyrmak we olaryň ýokary hilli durmuş goragy hyzmatlaryndan peýdalanmagy üçin ÝUNISEF Türkmenistanyň Hökümetine doly netije gazanmakda goldaw berer.***

**Hyzmatdaşlary bilen birlikde, ÝUNISEF bu netijäni gazanmak üçin aşakdaky esasy iki ugur boýunça öz goşandyny goşar:**

1

2020-2022-nji ýyllar üçin Ýerli derejede durmuş hyzmatlary baradaky DÖM-nyň Gaznasynyň Bilelikdäki Maksatnamasy boýunça badalga alan tagallalary dowam etmek bilen, ÝUNISEF durmuş işiniň mundan beýläk hem ösmegini we giňemegini , has giň durmuş goraglylygy ulgamy bilen gatnaşyklary esaslandyrylmagyny goldar.

- Jemgyýetçilik durmuş işleri boýunça täze işgärleriň hökümet ulgamyna we büjetine girizilmegini we bu prosesiň ilerlemegine tehniki goldawyň berilmegini wagyz etmek
- Durmuş işleri boýunça hünäri, ýokary bilim ulgamyna girizmek we durmuş hyzmatlary gullugynyň işçi güýjüniň mundan beýläk ösüşini we hünär taýdan kämilleşmegini gazanmak
- Bar bolan durmuş goragy gurallaryny seljermek, çagalaryň we olaryň maşgalalarynyň kynçylyklaryny ýeňilleşdirmekde onuň netijeliligini pugtalandyrmak üçin durmuş goraglylygynyň özgermesi üçin hereketleriň meýilnamasyny işläp düzmegi goldamak
- Çagalar we olaryň maşgalalary üçin hemmetaraplaýyn durmuş goldawy gulluklaryny goldamak üçin durmuş goraglylygy, saglyk we bilim edaralarynyň arasynda milli we ýerli derejelerde pudakara hyzmatdaşlygy ösdürmek
- Maýyplygyň "durmuş" nusgasyna geçýän ähli çagalara yzygiderli köpugurly goldaw bermek we ýatymlaýyn çagalar edaralaryna çagalaryň ýerleşdirilmeginiň azalmagyny gazanmak
- Durmuşyň duýdansyz döräp biläýjek agyr kynçylyklarynyň hötdesinden gemek başarnygyny üpjün etmek üçin durmuş goraglylygy ulgamynyň adatdan daşary ýagdaýlara taýýarlygyny güýçlendirmek

2

Çagalara garşy zorlugy aradan aýyrmak, şeýle-de kanuny bozan çagalar üçin düzgünler we hyzmatlar üçin öňüni almak we degişli çäre görmek mehanizmlerini berkitmekde ÝUNISEF hökümet edaralaryndan bolan hyzmatdaşlaryna goldaw berer.

- Kanuny bozan çagalara degişli kanunçylygy gaýtadan gözden geçirmek, seljermek we ony halkara ülňilerine laýyk getirmek üçin amaly maslahatlary işläp düzmekde goldaw bermek
- Häzirki zaman çemeleşmelere we düzgünlerine laýyklykda, kazyýet we durmuş goraglylygyny üpjün edýän edaralaryň işgärleri üçin okuw maksatnamalaryny işläp düzmegi goldamak
- Kanuny bozan çagalaryň azatlykdan mahrum edilmegini kem-kemden ýatyrmak maksady bilen tussag etmegiň deregine jenaýat jogapkärçiliginiň düzediş täsirli alternatiw görnüşlerini ulanmak, terbiýe we ündew bilen dogry ýola salmak we ony düzetmek ýaly alternatiw çäreleri goldamak
- Işlere kazyýetiň garamagyna çenli tapgyrda ejir çeken çagalaryň we jenaýatçylygyň şaýady bolan çagalaryň işleri üçin çagalara hoşniýetli sorag edilýän otaglaryny taýýarlamak bilen bir hatarda, çagalar üçin uýgunlaşdyrylan we hoşniýetli garaýyşly bolan derňewleriň üpjün edilmegi üçin mehanizmleri we düzgünleri kesgitlemek
- Ýatymlaýyn çagalar edaralaryna ýollamalary azaltmak we ýerli derejedäki goldaw hyzmatlaryny gowulandyrmak üçin Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri barada Toparyň, Hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň tutýan ornuny güýçlendirmek
- Oňyn terbiýe arkaly we zorluk ulanmazdan çäre görmäni goldamak üçin pudagara hyzmatlary üpjün edijiler we aragatnaşyk ýollary arkaly özüňi alyp barmagy üýtgetmegiň strategiýalaryny işläp düzmek we güýçlendirmek



# ÇAGANYŇ SAGLYGY, SAGDYN IÝMITLENMEGI WE IRKI ÖSÜŞI

**MAGLUMATLAR:**
Türkmenistanda çagalar üçin lukmançylyk hyzmatlary giňden elýeterdir. Ähli çagalar diýen ýaly bäbekhanalarda dogulýar. Hökümet tarapyndan doly maliýeleşdirilýän we olaryň üpjünçiligi ÝUNISEF tarapyndan goldanylýan immunizasiýa maksatnamasy kiçi ýaşly çagalaryň 95 göterimi üçin elýeterdir we ol Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň maslahatlaryna doly laýyk gelýär. Garaşsyzlygyň alnany bäri mese-mälim azalan hem bolsa, bäş ýaşyna ýetmedik çagalaryň arasynda we neonatal ölümiň ýüze çykmagy dowam edýär we onuň esasy sebäpleri perinatal ýagdaýlar, dogabitdi ösüş şikeslilikleri we dem alyş ýollarynyň ýokançlarydyr. Ölümiň derejesini orta girdejili ýurtlaryň derejelerine çenli azaltmak üçin saglygy goraýyş işgärleriniň bilimlerini we başarnyklaryny artdyrmak, lukmançylyk edaralarynda enelere we çagalara edilýän hyzmatlaryň hilini gowulandyrmak, şeýle-de öz çagalary hakynda talaba laýyk alada etmekleri üçin ene-atalara bilim bermek zerurdyr. Ilkinji lukmançylyk-sanitariýa kömegi edaralaryna goşmaça üns bermek bilen, işgärleriň gorunyň mümkinçiliklerini ösdürmek we saglygy goraýyşyň çykdajylary üçin ulgamlaryň ösdürilmegi wajypdyr.

Diňe ene süýdi bilen iýmitlendirme giňden durmuşa geçirilýän hem bolsa, doýa iýmezlik jemgyýetçilik saglygy üçin howp bolup durýar. ÝUNISEF-iň üpjünçilik goldawy bilen, Türkmenistan ýokary hilli we birinji hilli uny baýlaşdyrmagy doly maliýeleşdirýär. Aýallaryň we çagalaryň arasynda derejesi ýokary bolan (2012, ÝUNISEF) gan azlyga baýlaşdyrma maksatnamasynyň täsirine baha bermek meýilleşdirilýär. Pese düşýänligine garamazdan, çagalaryň arasynda gysga boýlylyk we aşa semizlik heniz hem gabat gelýär.

Saglygy goraýyş we bilim pudaklarynyň ikisinde hem ähliumumy irki çaga ösüşi (IÇÖ) boýunça hyzmatlar durmuşa geçirilýär, emma olaryň giň gerimde alnyp barylmagy uly maýa goýumlary talap edýär. Täze kabul edilen Çaganyň irki ösüşi boýunça 2020 - 2025-nji ýyllar üçin milli strategiýada ähli pudaklarda işgärleriň gorunyň mümkinçiliklerini ösdürmek üçin pudagara utgaşma, maglumat we monitoring ulgamlarynyň we iň ejiz çagalar, maşgalalar we ilat toparlary üçin maksadalaýyk goldawyň zerurlygy nygtalýar.

***Doly netije gazanmak üçin, 2025-nji ýyla çenli Türkmenistanda her bir täze doglan bäbege, çaga, ýetginjege we reproduktiw döwründäki aýala, hususan-da, raýatlaryň iň ejiz toparlarya durnukly we ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlarynyň, sagdyn iýmitlenmegiň we irki çaga ösüşi hyzmatlarynyň deň derejede we has elýeter bolmagyny üpjün etmekde ÝUNISEF Türkmenistanyň Hökümetine goldaw berer.***

**Hyzmatdaşlary bilen birlikde, ÝUNISEF bu netijäni gazanmaga goşant goşmak üçin bilelikdäki hyzmatdaşlygyň üç sany esasy ugurlara üns berer:**

Çaganyň saglygy: ÝUNISEF Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen täze doglan çagalara, kiçi ýaşly çagalara we enelere, hususan-da, ilatyň ýoksul toparlaryna edilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak üçin ministrligiň mümkinçiliklerini, hukuk binýadyny we gurallaryny berkitmekde hyzmatdaşlyk eder.

1

- Hökümetiň saglygy goraýyş ulgamyny, hususan-da, enäniň we çaganyň saglygyny goramagy kämilleşdirmekde edýän tagallalaryny goldamak
- Täze doglan çagalaryň talabalaýyk bejergi almagy we çaga keselleriniň öňüniň almak üçin eneligi goramak we ilkinji lukmançylyk-sanitariýa kömegini beriş edaralarynda dolandyryş we saglygy goraýyş ulgamlarynyň işgärleriniň bilimlerini, başarnyklaryny we tejribelerini artdyrmak
- Immunizasiýa we ýokanç keselleriň öňüni almak we olara garşy göreşmek, şol sanda, eneden çaga geçýän AIW-nyň öňüni almak ýaly çäreleri goldamak
- Çagaly maşgalalara lukmançylyk hyzmatlarynyň salýan agramyny azaltmak üçin tölegsiz esasy saglyk ätiýaçlandyryş bukjasyny ýaňadan gözden geçirmek we hasaplamak üçin tehniki goldaw bermek

Çaganyň iýmitlenmegi: ÝUNISEF 2020-2025-nji ýyllar üçin Ilatyň sagdyn iýmitlenmegi boýunça milli maksatnamany durmuşa geçirmäge we çagalaryň sagdyn iýmitlenme derejesini gowulandyrmak üçin pudagara utgaşdyrma, durmuşa geçirme we barlag mehanizmlerini güýçlendirmäge goldaw berer.

2

- Ýetginjek gyzlaryň, göwreli we emdirýän aýallaryň sagdyn iýmitlenmegi bilen baglanyşykly zerurlyklaryny kanagatlandyrmak
- Bäbekleriň we kiçi ýaşly çagalaryň sagdyn iýmitlenmegini wagyz etmek we monitoring etmek üçin ulgamy güýçlendirmek
- Ilatyň arasynda sagdyn iýmitlenmek boýunça ýokary hilli maslahatlary geçirmek we sagdyn iýmitlenmegi we arassaçylygyň düzgünlerini wagyz etmek üçin saglygy goraýyş işgärlerini okatmak
- Uny baýlaşdyrmagyň formulasyna täzeden seretmek we täze goşundylary goşmagyň meýilnamalaryny girizmek boýunça maslahat bermek
- Merkezi Aziýa we Kawkaz sebitinde iýmitleniş ýagdaýyny gowulandyrmak we bu ugurda hyzmatdaşlyk etmek boýunça sebitleýin platformanyň sekretariaty hökmünde, Türkmenistanyň ornuna esaslanmak we beýleki ýurtlar bilen pikirleri we maglumatlary alyşmaga we Türkmenistanyň gazanan oňyn tejribesini resmileşdirmäge kömek etmek
- Çagalaryň sagdyn iýmitlenme derejesini gowulandyrmak üçin sagdyn iýmitlenmek bilen baglanşykly maglumatlaryň alynmagyny we seljerilmegini goldamak

Çaganyň irki ösüşi: ilkini lukmançylyk we sanitariýa kömegine aýratyn üns bermek bilen, ÝUNISEF Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine her bir çaganyň saglygy goraýyş ulgamynyň çäklerinde öz ukyplaryny amala aşyrmagy üçin ulgamy döretmekde godaw berýär.

3

- Çaganyň irki ösüşini, saglygyny we maslahat bermegi gowulandyrmak üçin wajyp platforma hökmünde öýlere baryp howandarlyk etmek gulluklaryny güýçlendirmek
- Döwrebap gurallary ulanmak we irki döwürlerde ösüşde yza galýan çagalar üçin anyk gönükdirme mehanizmlerini kesgitlemek bilen, ösüş nogsanlyklarynyň we maýyplygyň irki döwürde ýüze çykarylyşyny ýokarlandyrmak
- Kiçi ýaşly çagalara iň gowy ideg etmek üçin olary ruhlandymak bilen, maşgalalara gender bilen baglanşykly maglumatlary hödürlemek



# ÇAGALARYŇ BÄHBIDINE DOLANDYRYŞ

**MAGLUMATLAR:**

Ýyllaryň dowamynda ösüş gazanylan hem bolsa, esaslandyrylan syýasy çözgütleri kabul etmek we ösüş maksatnamalaryny taýýarlamak üçin degişli statistika we maglumatlary toplamak işleri Türkmenistanda mundan beýläk hem bu ulgamyň ýene-de kämilleşmegini talap edýär. Çözgütleri kabul etmekde maglumatlary we netijeli barlag mehanizmlerini yzygiderli ulanmagyň medeniýetiniň kämilleşdirilmegini talap edýär. Sanly ulgama geçme milli derejede ileri tutulýandygy sebäpli, bilim we saglyk pudaklarynda anyk pudaga mahsus barlag ulgamlarynyň we täze tehnologiýalarynyň ikisini hem girizmäge mümkinçilik bar. Ondan başga-da, döwlet-maliýe serişdelerini dolandyrmagyň ulgamlary çagalar üçin milli serişdeler bilen adalatly we durnukly netijeleriň arasynda berk baglanşygy esaslandyrmagy talap edýär. Türkmenistanda çagalaryň hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça 2018-2022-nji ýyllar üçin işleriň milli meýilnamasy kabul edilen hukuk we syýasy resminamalary iş ýüzünde durmuşa geçirmäge çagyrýar we şol bir wagtda, çagalar üçin bar bolan serişdeleri ulanmagy has ýokarlandyrmagy we biri-birinden bölünen maglumatlaryň, hususan-da, Durnukly Ösüşiň Maksatlaryna degişli maglumatlaryň üpjünçiligini we elýeterliligini artdyrmagy talap edýär.

***2025-nji ýyla çenli bar bolan serişdelerini doly, netijeli we dogry ulanmak arkaly Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýany, Durnukly Ösüşiň Maksatlaryny, Sendaý çarçuwaly maksatnamasyny, Maýyplygy bolan adamlaryň hukuklary hakyndaky Konwensiýany we çagalar babatda beýleki halkara borçnamalaryny durmuşa geçirmekde düýpli öňegidişlik gazanmagy üçin ÝUNISEF Türkmenistanyň Hökümetine goldaw berer.***

**Hyzmatdaşlary bilen birlikde, ÝUNISEF bu netijäni gazanmaga goşant goşmak üçin bilelikdäki hyzmatdaşlygyň üç sany esasy ugurlara üns berer:**

ÝUNISEF gazanylan netijeleriň esasynda strategik meýilleşdiriş, büjeti işläp düzmek we maliýeleşdirmek ulgamyny girizmekde pudak ministrliklerine syýasy maslahatlary berer.

1

- Durnukly Ösüşiň Maksatlaryny durmuşa geçirmegiň bir bölegi hökmünde, durmuş pudagynyň mundan beýläk hem ösmegini goldamak
- Döwlet büjeti düzülende hasaplama we maýa goýumlaryny saýlamaklygyň täsirlerini seljermek boýunça milli hünärmenleriň bilimlerini we başarnyklaryny artdyrmak
- Çagalar, aýallar we maşgalalar üçin durnukly netijeleri gazanmak üçin ýerli serişdeleri netijeli ulanmagy gowulandyrmak

Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýa laýyklykda “çaganyň iň esasy bähbitleri” atly ýörelge esasynda ÝUNISEF mundan beýläk hem hukuk we kadalaşdyryjy namalaryň kämilleşdirilmegine goldaw berer.

2

- Özleriniň hukuklary bozulan ýagdaýlarynda çagalara arzlaryny, ýüzlenmelerini we haýyşnamalaryny ibermäge mümkinçilik berýän habarlaşmagyň tertibi hakynda ÇHK-niň Goşmaça Protokolyna Hökümetiň goşulmagyna ýardam bermek.
- Çaganyň hukuklary bilen baglanşykly milli strategiýalaryň netijeli durmuşa geçirilmegi we barlagy üçin milli, welaýat we etrap derejesinde utgaşdyryjy mehanizmleri güýçlendirmek.
- Çaganyň hukuklaryny goramak, olaryň durmuşa geçirilişini barlamak we olar barada habarlylyk boýunça durnukly institusional mümkinçilikleri kesgitlemek.
- Çözgütleri kabul etmäge we öz durmuşlaryna täsir edýän strategiýalara gözegçilik etmäge raýat jemgyeýtiniň, çagalaryň we ýaşlaryň çynlakaý gatnaşmagyny wagyz etmek

ÝUNISEF mundan beýläk hem takyk we öz wagtynda maglumatlaryň toplanmagynda, seljerilmeginde we berilmeginde milli statistika ulgamynyň mümkinçilikleriniň ösmegine goldaw bermegini dowam eder.

3

- Takyk we öz wagtynda maglumatlaryň toplanmagynda, seljerilmeginde we berilmeginde Köpdürli görkezijiler bilen klaster barlag-gözleg işleri (MICS) ýaly milli statistika ulgamyny güýçlendirmek
- Pudaklary dolandyryş maglumat ulgamlaryny kämilleşdirmek arkaly ykdysadyýeti sanly ulgama geçirmek boýunça milli strategiýanyň durmuşa geçirilmegine goşant goşmak
- Durmuş-ykdysady töwekgelçilikleriň faktorlaryna garşy çäreleri görmek üçin meýilleşdirme we maýa goýumlary üçin biri-birinden aýyrylan we bölünen maglumatlary ulanmakda bilimleri we başarnyklary artdyrmak
- Çagalaryň durmuşyna täsir edýän esasy ösüş strategiýalaryna baha bermekde Hökümet bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek



# COVID-19 ÖŇÜNI ALMAK / ÇÄRE GÖRMEK

**MAGLUMATLAR:**
Global COVID-19 pandemiýasy çagalaryň janyna we saglygyna, abadançylygyna we bilimine ýaramaz täsir etdi. Bu resminamanyň çap edilen wagtynda Türkmenistanda COVID-19 boýunça hiç hili resmi hasaba alnan ýagdaýlar ýok bolsa-da, ilaty goramak we ýokanjyň ýaýramagynyň öňüni almak üçin zerur çäreler sebäpli ýüze çykan durmuş-ykdysady kynçylyklar köp maşgalalara, hususan-da, iň gowşak goralýan maşgalalara uly zyýan ýetirdi. Pandemiýanyň täsirine garşy çäreleri görmek üçin Türkmenistanda ÝUNISEF, hökümet edaralaryndan bolan hyzmatdaşlary we BMG-niň beýleki gulluklary bilen birlikde hyzmatdaşlyk edip gelýär. Bu görülip-eşidilmedik kyn döwürde çagalaryň we olaryň maşgalalarynyň zerurlyklarynyň kanagatlandyrylmagyny üpjün etmek üçin Taýýarlyk we degişli çäre görüş milli maksatnamasy we Durmuş-ykdysady taýdan dessin çäreleri görmegiň Meýilnamasy işlenip düzüldi.

Bu meýilnamalaryň çäklerinde, töwekgelçilikler barada habar bermek we ilat toparlary bilen özara gatnaşyk saklamak boýunça BMG-niň esasy agentligi hökmünde, ÝUNISEF milli habar beriş serişdeleri we ÝUNISEF-iň ýaýlymlary arkaly çagalara we olaryň maşgalalaryna öňüni alyş çäreleri baradaky habarlaryny, şol sanda mahabatlary we animasiýalary ýetirmekde Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti bilen hyzmatdaşlygy mundan beýläk hem giňelder. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň bilimlerini we başarnyklaryny artdyrmak, olara pandemiýanyň töwekgelçilikleri we olaryň öňüni almagyň iň netijeli ýollary hakynda anyk habarlary taýýarlamaga kömek eder. ÝUNISEF-iň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine berýän üpjünçilik goldawy ähli çagalaryň waksinalar bilen yzygiderli üpjün edilmegine, şeýle hem hassahanalaryň esasy lukmançylyk we arassaçylyk serişdeleri bilen üpjünçilik mümkinçiliklerini ýokarlandyrmaga ýardam berer. Sanly we uzak aralykdan bilim almak ulgamyny işe girizmekde, şunuň bilen bir hatarda ähli mekdep okuwçylary üçin sagdyn durmuş ýörelgeleri hakynda bilim bermekde ÝUNISEF-iň Bilim ministrligine berýän ýardamy ýurtda bilim ulgamynyň hiliniň ýokary we durnukly bolmagyny üpjün eder. Bu goldawa ýerli derejede durmuş hyzmatlaryny ösdürmek we has ejiz maşgalalara we olaryň çagalaryna pandemiýanyň durmuş-ykdysady taýdan ýaramaz täsiriniň garşysyna çäreleri görmek boýunça Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi bilen hyzmatdaşlygy hem öz içine alýar.

***Ýurtda ýokanjyň ýaýramagynyň öňüni almak we oňa garşy göreşmek üçin töwekgelçilikler hakynda habarlary ýaýratmak we lukmançylyk edaralaryny esasy arassaçylyk serişdeleri bilen üpjün etmek bilen, ÝUNISEF çagalara we olaryň maşgalalaryna gönükdirilen esasy bilelikdäki hyzmatdaşlygy durmuşa geçirmekde Türkmenistanyň Hökümetine goldaw berer.***

**Hyzmatdaşlary bilen birlikde, ÝUNISEF bu netijäni gazanmaga goşant goşmak üçin esasy iki ugra ünsi gönükdirer:**

1

Ygtybarly maglumatlaryň ýaýradylmagy, ene-atalar, saglygy goraýyş we bilim işgärlerine degişli gollanmanyň ýetirilmegi üçin ÝUNISEF töwekgelçilikler barada habar bermek we ilat toparlary bilen özara gatnaşyk saklamak boýunça başlangyçlary durmuşa geçirýär we ýerlerdäki hyzmatdaşlary bilen çagalaryň sagdyn bolmagy we bilim almagy üçin zerur maglumatlaryň we serişdeleriň olara elýeter bolmagyny üpjün edýär.

- Ýurtda COVID-19 öňüni alma we waksina sanjymlary boýunça çäreleriniň dowam edýänligi hakynda ygtybarly maglumatlary bermekde Türkmenisatnyň habar beriş serişdelerini goldamak, şeýle hem habar bermek boýunça sebitiň iň gowy tejribelerini paýlaşmak

- Milli habar beriş serişdeleri we ÝUNISEF-iň sanly aragatnaşyk ýollary arkaly töwekgelçilikler hakynda habarlary we arassaçylyk we ýokanjyň öňüni almak barada iň wajyp maglumatlary ene-atalara, ýaşlara we çagalara ýetirmek

- Elleriň arassaçylygynyň we özüňi alyp barmagyň sagdyn ýörelgeleriniň wajyplygyny wagyz etmek boýunça çagalaryň arasynda habarlylygy ýokarlandyrmak çärelerini guramak we saglyk hakynda maglumat berýän ündew suratlary jemgyýetçilik edaralarynda we mekdeplerde ýaýratmak

2

Çagalary we maşgalalary, saglygy goraýyş işgärlerini, mugallymlary we ýerlerde köpçülik bilen göni aragatnaşykda bolýan hünärmenleri goramak we olary bilim we başarnyklar, gurallar, şeýle-de waksina sanjymlary we olara degişli enjamlar bilen üpjün etmek üçin ÝUNISEF maglumatlary, gollanmalary, hünärmenleri, we üpjünçilik hyzmatlary berýär.

- Bilim ulgamynyň hilini we taýýarlygyny ýokarlandyrmak üçin sanly we uzak aralykdan bilim bermegi işe girizmekde Hökümeti goldamak

- Howpsuz mekdep ýörelgelerini durmuşa geçirmekde we COVID-19 garşy çäreler hakynda mekdep okuwçylaryna we hyzmatlar bilen üpjün edýän taraplara habar bermekde Bilim ministrligine ýardam etmek

- Çagalaryň arasynda ýokanç keselleriň ýüze çykmagynyň öňüni almak üçin meýilleşdirilen immunizasiýanyň dowam etdirilmegi üçin Hökümeti waksina sanjymlary we olar bilen baglanşykly enjamlar bilen üpjün etmek.

- Ileri tutulýan zerurlyklara esaslanyp, lukmançylyk we bilim edaralaryny esasy lukmançylyk enjamlary we arassaçylyk serişdeleri bilen üpjün etmek

- Pandemiýanyň ejiz maşgalalara we olaryň çagalaryna ýetirýän ýaramaz täsirine garşy çäreleri görmek, şol sanda, anyk bolan belli bir ýagdaýlaryň dolandyrylmagyny we psihososial maslahatlary bermegi üpjün etmek üçin ýerli derejelerde durmuş hyzmatlaryny ösdürmekde Hökümet bilen hyzmatdaşlyk etmek









Bütindünýä çagalar gününde çagalar ÝUNISEF-iň edara binasynda ýolbaşçylyk etdiler we Ýurt boýunça Maksatnamalaýyn resminamada ileri tutulýan ugurlary makulladylar.

## Esasy hyzmatdaşlar:

- Daşary işler ministrligi
- Milli Geňeşiň Mejlisi
- Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi
- Bilim ministrligi
- Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi
- Maliýe we ykdysadyýet ministrligi
- Içeri işler ministrligi
- Oba hojalygy we daşky gurşawy goramak ministrligi
- Goranmak ministrligi we Adatdan daşary ýagdaýlara taýýarlyk baradaky Pudagara Topar
- Adalat ministrligi
- Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi
- Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty
- Baş prokuratura
- Ýokary kazyýet
- Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti
- Gyzyl Ýarymaý milli jemgyýeti
- Adalatçynyň edarasy
- Statistika baradaky döwlet komiteti
- Döwlet gullugy akademiýasy
- Zenanlar birleşigi
- Ykdysadyýetçiler birleşigi
- Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi
- Ýerli dolandyryş edaralary
- Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş ylmy-kliniki merkezi
- Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugy
- Iýmitleniş boýunça pudagara komiteti
- Welaýat saglygy goraýyş bölümleri
- Döwlet lukmançylyk uniwersiteti
- Lukmançylyk mekdepleri
- Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy
- Raýat jemgyýeti guramalary
- Jemgyýetçilik birleşikleri
- Birleşen Milletler Guramasynyň agentlikleri

unicef | her bir çaga üçin

ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekilhanasy
BMG-nyň edara jaýy
Arçabil şaýolunyň 21-nji jaýy,
Aşgabat şäheri, Türkmenistan, 744036
+993 12 488355
tuk-ashgabat@unicef.org

www.unicef.org/turkmenistan
www.facebook.com/unicef.turkmenistan
www.instagram.com/unicef_turkmenistan
www.youtube.com/c/UNICEFTurkmenistan
+993 64 718712